# Dünýäni Hytaý dolandyrýarmy?

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Dünýäni Hytaý dolandyrýarmy? DÜNÝÄNI HYTAÝ DOLANDYRÝARMY?




*Hytaý partiýanyň arasynda demokratiýany we aç-açanlygy berkarar edýän, sowatsyzlygy we garyplygy aradan aýyrýan syýasy mehanizmi bilen täze model hödürleýär.*
Martin Žakyň 2009-njy ýylda «Dünýäde Hytaý ketdelik sürende. Günbatar dünýäsiniň soňy we täze halkara düzgüniň emele gelişi» atly kitaby çapdan çykdy.
XX asyryň ahyrlarynda adamzadyň barýan ugruny täzeden okap bilýän we dünýäniň syýasy-intellektual gelejegi hakdaky köpgyraňlylygyndan söz açýan kitaplar çap edildi. Bularyň başyny ABŞ-ly iki professoryň ýazan iki kitaby çekýär: ABŞ-ly akyldar Fukuýamanyň «Taryhyň soňy we iň soňky adam» we Samýuel Hantingtonyň «Medeniýetleriň garpyşygy» kitaby.
Bu iki kitap giň global intellektual we syýasy çekişmä ot berdi.
Žakyň kitaby awtoryň ýaşap ýören täze dünýämiziň ýatgysyndan dörän täze güýç elementleri üçin hödürleýän täze tezisidi.




Awtoryñ pikiriçe döwletleriñ güýjüni, geografiki we syýasy girdiler bilen birlikde ykdysady, harby we ylmy mümkinçilikler kesgitleýär.
Professor, ýazyjy, şol bir wagtyñ özünde žurnalist Martin Žak Hytaýyñ ýokary okuw jaýlary bilen bir hatarda birnäçe ýurtda leksiýalar berdi.
Ol Hytaýyñ içindäki we daşyndaky, aýratynam Aziýadaky we Afrikadaky medeni-ykdysady işleri öwrenýär.




Käbir hytaýly ýaşlaryñ pikirine görä içerki we daşarky ugurlarda ýurtlaryñ ertirki köpgyrañlylygy sowallary orta atýan awtor 500-den sahypadan geçýän küti kitabynda dürli meseleleriñ üstünde durup geçýär, «Aziýanyñ gaplañlary» diýip tanalýan Ýaponiýanyñ, Russiýanyñ, Hindistanyñ ykdysady

tejribesiniñ üstünde durup geçip, bulary Hytaýyñ uly öwrülişikleri bilen deñeşdiripdir.
Hytaýyñ aglaba bölegi ykdysady taýdan oñaýly şertleriñ zolagyna girse-de, ilatynyñ deñ ýarsy häzirem oba ýerlerinde ýaşaýar.
Hytaý özüni ösüp barýan ýurt hasaplaýar, ýöne ösüşe tarap barýan ýolundan gyşarnyksyz hem-de güýçli formada barýar, ähli üýtgeşmeler munuñ şeýledigine güwä geçýär.
Dürli maglumatlary toplap, bulardan ykdysady we harby ösüşiñ dwigatelini şekillendiren awtoryñ pikiriçe täze Hytaý gelejegiñ güýçli lideri bolar.
Hytaýyñ her bir işde, her bir ugurda özüne mahsus aýratynlygy bar. Sun Ýatsenden Mao Szeduna, Den Sýaopine we ahyrynda Si Szinpine çenli indiwidual liderler intellektual, syýasy, ykdysady, sosial hereketiniñ shemalaryny çykarýar.
Hytaýyñ Kommunistik partiýasy her bir ugurda kwalifisirlenen ulgam. Partiýa döwletiñ däl-de, döwlet partiýanyñ bir bölegi.
Täze Hytaý kommunizmi täze konsepsiýa we täzelikçi düzgünlere eýe kapitalizmiñ bir görnüşi. Häzir dünýäniñ iñ baý 500 adamynyñ arasynda 230 hytaýly bar.
Üçünji hytaýly lider Den Sýaopin «hakykatyñ teoriýalardan däl-de, hakykatlardan emele gelýändigi hakdaky pelsepesi» bilen täze kommunistik Hytaýy gurdy.
Mao Szedunyñ pikirlerinden bir ädim öñe süýşüp, hytaý sosializminiñ ýa-da hytaý kommunizminiñ Marksyñ ýa-da Leniniñ kesgitläp giden galybyna sygmaýandygyny aýtdy.
Sýaopin daşary ýurtly maýadarlara ýurduñ gapysyny açdy. Ýaponiýa, ABŞ bilen dil tapyşdy, dolandyryş apparatynyñ we partiýanyñ gurluşy reabilitasiýalaşdyrdy.
Onuñ ykdysady syýasaty Szedunyñ hyýaly-fantastiki ýaly bolup görünen uly medeni we ykdysady galkynyşlarynyñ tersine, diñe galkynyşlara esaslanýardy.
Munuñ üçin günorta welaýatlar içerki we daşarky maýa goýumlary bilen ösdürilip, yzyndanam beýleki welaýatlara geçilmelidi.
Sýaopinden soñ partiýanyñ başlygy bolup oturanlaryñ öwerlik o diýen öñe gidişlikleri bolmady.




Hytaýyñ täze galkynyşy Si Szinpin bilen amala aşdy.
Ol ilki-ilkiler irmän-arman okady, ýurdunyñ şu gününi gaýgy etdi, dünýäniñ syýasy, ykdysady, harby proseslerini gözden geçirdi, ýurduny täze ýerli, regional, halkara ösüş üçin reabilitasiýalaşdyrdy.
Si Szinpiniñ «Hytaý halkynyñ depgilenjek, dert çekdiriljek we horluga uçradyljak döwründen oba göçdi. Mundan beýläk kim muña milt etse, kellesini mynjyradarys» diýdi.
Lider Si Szinpin ýurdunyñ Ýaponiýa, Fransiýa, Angliýa tarapyndan eksplutatirlenen günlerini ýatladýardy. Hytaýyñ geçmişde gahatçylykdan, garyplykdan we içerki uruşlardan gözi açylanokdy.
Liderlik ukyplary bolmadyklar Hytaýyñ äpet göwresini hereketlendirip bilmeýär. Mao Szedun 1957-nji ýylda Moskwa gidende, ýanyna Den Sýaopini alyp gitdi.
Szedun Nikita Hruşýowa:
— Şu duran kelte boýly adama seretsene — diýdi. — Örän zehinli oglan, öz boýundan aşýan beýik gelejegi bar.
Szedun kelte boýly işgäriniñ aklynda aýlanýanlary okap bildimikä?
Sýaopin kommunizmi hytaý jaryndan susup almady, tersine, Fransiýa okamaga gidende, ol ýerde fransuz deñizine çümdi.
Hytaýyñ täsinlikler ýurdundan nesibini alan Szinpiniñ kakasy Kommunistik partiýanyñ simwoliki şahslaryndan bolsa-da,

ömrüniñ bir bölegini gyzyl gwardiýaçylardan gaçyp, petiş gowakda geçirdi.
Si Szinpin häzir Hytaýyñ ýedinji döwlet baştutany bolup işleýär. Kommunistik partiýanyñ baş sekretarlygyna belleneni bäri Den Sýaopiniñ ýolunda ýurduñ taryhynda ikilenç gaýtalanýan şahsyýet bolmakdan ýüz öwürdi.
2012-nji ýylda Hytaýyñ Kommunistik partiýasynyñ başlygy boldy. Turuwbaşdan öz pelsepesine goldanyp, «Täze Hytaýy» gurmaga hyýallandy.
Halk bilen ýakyn gatnaşyk gurdy, korrupsiýa garşy giñ gerimli göreşi ýola goýdy, görnükli partiýa ýolbaşçylary bilen bir hatarda korrupsiýa ýakyndan-daşdan ilteşigi bar müñlerçe adamy türmä basdy, bikanun ýolllar bilen ýurda aralaşan pullary daşary ýurda – yzyna gaýtardy.
Ylmy täzelikleri, ösüşleri öz içine alýan uly we düýpli ösüş maksatnamasy bilen bir hatarda dünýä kontinentleriniñ onlarça ýurdunyñ üstünden geçjek «Beýik Ýüpek ýoly» taslamasyny kämilleşdirdi.
Dünýäniñ iñ güýçli goşunyny düzmek maksady bilen atom ýaraglaryny we kiber mümkinçilikler bilen bir hatarda iñ täze ýaraglar bilen goşuny ýaraglandyrmaga başlady.
Aýratynam, täze lider bu läheñ senagat ýurdy üçin biri orta wagtlaýyn beýlekisi uzak wagtlaýyn iki meýilnamany işläp düzdi.




Hytaýyň ykdysady mümkinçilikleri häzir ABŞ-na bäsdeşlik edip we öňümizdäki ýigrimi ýylyň içinde ondan ozup biljek sepgide ýetdi.
Hytaý partiýanyň arasynda demokratiýany we aç-açanlygy berkarar edýän, sowatsyzlygy we garyplygy aradan aýyrýan syýasy mehanizmi bilen täze model hödürleýär.
Şeýle-de Hytaýyň Konstitusiýasyna öz pikirlerini girizen täze imperator döwlet ýolbaşçysynyň saýlaw möhletini aradan aýryp, ýurduny gelejekde dünýäniň ketdesi etmäge niýetlenýär.
Martin Žakyň kitabynda beýan edilenler tassygyny taparmyka?

Abdyrahman ŞALKAM,

Liwiýanyň öňki daşary işler ministri.

13.11.2022 ý. Publisistika